# Çopan kir

Category: Kitapcy,Poemalar,Powestler,Romanlar,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Çopan kir

TÜRKMEN HALKYNYŇ EDERMEN OGLY – ÇOPAN KIR

Ata-babalarymyz bir zada baha berenlerinde, türkmeniň soňky sarkyndysy diýip, danalykda Keýmir köri, keramatda Ak işany, paýhasda Nurberdi hany, ugurtapyjylykda Gowşut hany, dogumlylykda Çopan kiri, mergenlikde Öwezmyrat-Dykma serdary, okumyşlykda Gurbanmyrat işany, tälim bermekde Däli tilkini, öňdengörüjilikde Orazmämmet hany, söz ussatlygynda Baýly şahyry, mukamda Amangeldi Gönini, göreşde Müşük pälwany, bedewde Begnazaryň Doruny, tebipçilikde Öwezmämmet tebibi, gözsüz batyrlykda Berdimyrat hany, garadangaýtmazlykda Gara batyry we Nury ýetimi, soňuny saýmazlykda Gul Jenew serdary, sahylykda Magtymguly hany, sahypjemallykda Nurça Perreňi mysal getirýärler.
Türkmen halkynyň taryhynda şöhratly yz galdyran meşhur şahsyýetleriň biri hem Çopan kirdir. Halk arasynda Çopan kir, Çopan batyr, Çopan şir adyny alan bu merdana ynsanyň rowaýata öwrülen at-owazasy halkyň hakydasynda ebedilik ýaşaýar. Onuň ady poemalarda, taryhy romanlarda, powestlerde we beýleki eserlerdir makalalarda, şeýle hem ylmy çeşmelerde giňden agzalýar. Eýsem, türkmen halkynyň XIX asyrda ýaşap geçen görnükli şahsyýeti Çopan kir kim bolupdyr!?
Ol gadymy Büzmeýin-Garadaşaýak obasynda Garaja batyr bilen Oguldöwlet ejäniň döwletli maşgalasynda XIX asyryň başlarynda, takmynan 1816-njy ýylda dünýä inýär. Täze dünýä inen çaga adaty dünýä inen çagalar ýaly aglaman, ýumrujaklaryny berk düwüp, gözjagazlaryny gyrpman, göbegenesine seredip ýatypdyr. Gudraty güýçli Ýaradanyň eradasy bilen ynsan bu dünýä aglap gelip – aglap gidensoň,göbegenesi gelýän ýörelgä görä bäbejigi aglatjak bolup, onuň ýaňajyklaryna taýly gezek çalaja şarpyk çalýar. Bäbek aglamakdan geçen, gaýtam ýumrujaklaryny has-da

gaty düwüpdir. Onsoň göbegene-de çaganyň beýdip aglaman durmagy şundan bolaýmasyn diýip, bäbegiň düwülgije ýumrujaklaryny zor bilen açýar welin, bäbek şeýle bir aglamak aglap, wagty bilen diňmeýär. Bäbegiň üç günläp diňmän aglap durmagy,onuň ene-atasyny, dogan-garyndaşlaryny we oba adamlarynyhem begendirýär, hem gynandyrýar. Şu ýedi zat, ýagny: ýel tursa, yzy üzülmän ýagyş ýagyp dursa, sygyr yzyny üzmän molap dursa, it uwlap dursa, degirmen sesi irginsiz eşidilip dursa, uzak wagtlap gazan gazalyp dursa, çaga üznüksiz aglap dursa, adamy biynjalyk edýär.

Şeýle alasarmyk we başagaý ýagdaýda, obanyň gaýrasyndan gyr atyny säpjedip gelýän peşenelinurana ýaşuly göni obanyň adamlarynyň hümer bolup üýşen ýerine gelýär. Perişde sypat ýaşuly olaryň halyndan habar alyp: «Hany şol bäbegi bizem bir göreli, hernä halatly çaga bolsun-da»– diýip, çagajygyň ýüzüne siňe seredip, ýüzüne sylyp: «Çaganyň at-ýarag uçugy bar, bir gyr ahal-teke atyny gapyňyzda daňyň. Ol kişňäp dursa, gylyç bilen galkanam sallançagynyň depesinden asyp goýsaňyz, enşalla, nesip bolsa,bäbejik sesini goýaýsa gerek! Emi şol bolar, nesip bolsa, enşalla!» – diýýär-de, öz ýoluna rowana bolup gidiberýär.

Bäbegiň ene-atasy we obadaşlary ötegçi myhmanyň aýdanlaryny berjaý edensoňlar, çaga aglamasyny goýup, süýji uka gidýär. Çaga at dakmak meselesi ýüze çykanda dogan-garyndaşlarynyň biri: «At – adamdaky mukaddes zatlaryň biridir. Özüňiz diri şaýat, gudraty güýçli Biribaryň eradasy bilen bäbek öz ady bilen geldi, ýaňky nurana peşeneli ýaşuly ulagly gelip, çykgynsyz ýagdaýdakak çagany halas edip, bize gaýdyp berdi, geliň, şu çaga Ulugberdi diýip atdakalyň» – diýip, märekä sala salýar. Obadaşlary bu teklibi goldap, gulagyna azan aýdyp, çaga Ulugberdi diýen at goýup, toý tutýarlar. Ulugberdiniň kabylasy: Türkmen – teke – utamyş – daşaýak – bagşy – garadaşaýak – matyr – garamatyr–kir. Ulugberdiniň kakasy Garaja batyr, ejesi Oguldöwlet. Ulugberdiniň nesil arkalaryndaky adamlar bihal adamlar bolmandyrlar. Olaryňkirler tiresinden öz döwrüniň tanymal adamlarynyň biri hem Gazan-Döwletmyrat bolupdyr. Gazan lakamy şol döwürde yslam dininiň

ylmy ojaklarynyň biri bolan Kazan (häzirki Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň paýtagty) şäherinde okap bilim alanlygy üçin galypdyr. Ulugberdi ýaşlygyndan çopançylyk edendigi sebäpli, oňa halk arasynda Çopan ady, onuň yzyna «kir» sözüniň goşulmagy bolsa, türkmençilikde her bir adamyň haýsy tirä degişlidigini görkezişi ýaly, adaty ýörelgeden galyberýär.«Kir» arap sözi bolup, onuň «batyr», «edermen» diýen manylary bardyr.

Onuň çagalykdan bile oýnap-ösen deň-duşlary salykly Baýly han we Öweznepes serdar bolupdyr. Baýly han, Öweznepes serdar bolup ýetişýär. Öweznepes serdar soňra Arçmana göçüp gidýär. Çopan kir bolsa gorkyny-ürkini bilmeýän, garyba galkan, ýetime ýelken, halkyna gala, duşmana bela bolan şir ýürekli, namysjaň, türkmeniň tüýs gözsüz batyr, ýiti akylly, dury paýhasly, kesgin pikirli, ygrarly diýilýän goç ýigidi bolup ýetişýär. Çopan kir ýaşlykdan çopançylyk edip, gijelerine şöwür çekmegi we aw awlamagy gowy görer eken.

Şol döwürlerde ýörişe gidilende, iň bir jogapkärli wezipe öňe giden ýigitleriň yzyny – goş-golamyny sak durup saklamak bolupdyr. Yzda goýlan oglanlaryň käbiri bu wezipäni kynlyk bilen ýerine ýetiripdirler. Çopan kir heniz 13-14 ýaşly ýetginjekkä ýörişe äkidilýär. Ýörişe gatnaşyjylar Çopan kiri dagyň iň bir gorkuly we howply ýerinde: «Biz öwrülip gelýänçäk şu ýerde garaş, gymyldama» – diýip gidýärler. Bile giden ýoldaşlary yzyna gaýdyp gelseler, Çopan kir dünýäni unudyp, garader bolup ýatyrmyş diýýärler. Bu ýagdaýy gören toparyň serdary: «Haý, özüň-ä bir ýüregi ýerindäki ýigit bolaýsaň gerek» diýip baha berýär.Halk arasynda başga bir gürrüňde, ýörişe ilkinji gezek gidenýetginjekleri synap görmek üçin, garşydaşlaryna tarap okdurylyp, birden hem kowgy gelýän hökmünde başly-barat gaçyp, yzda galan ýigdekçäni galagoplyga salyp, onuň batyrlygyna baha berer ekenler. Çopan kiri hem şeýle synagdan geçirmekçi bolup, aňyrdan gelişlerine:«Atlan, duşman gelýär, gaçalyň» – diýipdirler. Çopan kir öz atyna atlanyp: «Men gaçmak üçin bärik gelmedim» – diýip, arkasyny kert daga diräp, garşydaşlary bilen söweşe taýýar bolup duruberipdir.

Çopan kiriň ýaşlykdan halkyň arasynda adygyp, abraýynyň artyp başlamagyna bahylçylyk edýän göripleriň käbiri oňa şyltak, töhmet atyp, myjabat ýapyp, ýürekbulaýjy gepleriýaýradyp ugraýarlar. Bu ýagdaýlary aňan Çopan kir öz dogduk obasyndan göçmekçi bolýar. Oba ýaşululary bu ahwalaty aňyp, Çopan kire göçmezligi töwella edenlerinde, ol: «Ýa-ha özüňkilerden bäş-alty sany mazar ýasamaly boljak ýa-da depegenden daşrak diýenlerini edip, bir ýana çekilmeli boljak» — diýip jogap berýär. Çopan kir dürli döwürlerde Baharlynyň Akdepesiniň Tokly obasynda, Näzdepede, Arçmanda, Baharlynyň özünde ýaşaýar.

Çopan kir 1858-nji ýylda Garrygaladaky Monjukly depe söweşine, 1861-nji ýylda Mary söweşine gatnaşýar. Garrygala söweşinde öçmejek yz galdyran meşhur serkerdeleriň biri hem Çopan kirdir. Ol Nurberdi hanyň iň ýakyn ynamdar egindeşleriniň biri bolupdyr. Nurberdi han geňeşde-de, söweşde-de Çopan kiri öz ýanyndan aýyrmandyr. Bu barada žurnalist Gurban Meredow «Nurberdi han» atly taryhy poemasynda şeýle diýýär:

Sagynda häzirdir Orazmämmethan,
Solunda Çopan kir, şir dek alar jan,
Geňeşde Öwezbaý, iýer bile nan,
Külli tekäň hany Nurberdi handy.

Monjukly depedäki söweşde Çopan kiriň Japarguly Nejebali han ogluny ele salmaga mümkinçiligi bolýar, emma aýgytly pursatda güýçli gorag astyna alnan hana diri sypmak zordan başardýar. Emma muňa garamazdan, Çopan kire onuň dolandyryş merkeziniň (ştabynyň) ýerleşen çadyryna ilki baryp, tuguny çapmak bagty miýesser edýär. Çopan kir Garrygala söweşinde batyrlygyň, edermenligiň ajaýyp nusgasyny görkezip, türkmeniň goç ýigitlerine tä soňky demine çenli görelde bolupdyr.Çopan kir biçak edermen, gaýduwsyz adam bolansoň, şol döwrüň goňşy ýurtlarynyň serdarlary-da, gala hanlary-da ondan ätiýaç edipdirler.

Çopan kiriň il-ulsy üçin serden geçip, gylyç gemrendigi hakynda halk arasyndabaşga-da aýdylýan gürrüňler juda köp.

Munuň hakykatdan hemşeýledigini Abdysetdar Kazynyň taryhy «Jeňnama» poemasyndaky:

Sag ýanyndan gelip Çopan kir hanyň,
Aždar dek demine dartar duşmanyn –

diýen setirler hem tassyklaýar.

Çopan kir şöhrata beslenen Otanly berkitmesiniň eýelenmegine (1866ý.), Baýatarat galasynyň zabt edilip alynmagyna (1867 ý.), Kelete berkitmesiniň agdarylmagyna (1869 ý.) öňki hatarlarda durup gatnaşypdyr. Çopan kiriň we beýlekileriň talap etmekleri netijesinde iki sapar çapylan Hurmant galasynyň we Näzdepe gyrgynçylygyny edenleriň garşysynaar alyş ýörişleri geçirilipdir. Çopan kir Gyzylarbat, Welagyz, Goç, Tejen, Bamy, Zaw uruşlarynyň gowgasyny hem başyndan geçirýär. Ol Maryda iki dogan taýpanyň arasynda bolan ýer dawasynda aýratyn paýhaslylyk görkezip, gan dökülmezden ýüze çykan meseläniň imi-salalyk bilen çözülmegini hem gazanypdyr.

Çopan kir ululy-kiçili uruşlaryň ählisine serkerde bolup gatnaşypdyr. Dürli wagtlarda Sarahs tekeleri, türkmeniň käbir beýleki taýpalary «Han bolup ber» – diýip, Çopan kire ýüz tutupdyrlar. Ahala han saýlanyşyk bolanda tekäniň utamyş ugry Çopan kiriň tarapyny tutup, hanlyga teklip etse, tekäniň togtamyş ugry Nurberdi hanyň arkasyny tutup teklip edipdirler. Diňe Çopan kiriň özi:

– Adamlar, ata-babalarymyz aýdypdyr, «Özüni bilen weli…» diýip, men hanlyk üçin dünýä inmedim, maňa türkmen halky, il, Watan üçin kimi ur diýseňiz uraýyn, çap diýseňiz çapaýyn. Nähili batyrlyk etmeli bolsa iň soňky demime çenli edeýin,ýöne maňa «han bol» diýmäň. Hanlygy, hanha gudraty güýçli Ýaradanyň eradasy bilen bagyş edilen doganymyz Nurberdi han oňarar. Biziň ählimizem şonuň diýeni bilen bolarys – diýenden soňra we özüniň ilki bilen goldap görelde bolmagy bilen Nurberdi han Ahala han saýlanylýar.

Çopan kir türkmen halkynyň ýene-de bir batyr ogly Dykma serdar bilen hem aga-ini hökmünde ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Dykma serdar ýaşy uly, ähli babatda tejribesi ýetik Çopan kiriň hiç

wagt, hiç bir mesele-de öňüne düşmändir, halypasy hökmünde sarpa goýup, hemişe ony sylapdyr we hormatlapdyr.
Çopan kir Nurberdi han saýlanandan soňra, tä ömrüniň ahyryna çenli Ahal teke hanlygynyň söweş hereketleriniň baş serkerdesi bolupdyr. Söweş hereketleri baradakygeňeş-maslahatlarda hökmany suratda Çopan kire sala salnypdyr. Çopan kiriň serkerdeliginde söweşe gidýän watan goragçylary özlerini hemişe has ynamly, has arkaly we erkin duýupdyrlar.Çopan kir öz ýaşan döwründe il-ulsynyň ar-namysy, ýurt abadançylygy ugrunda göreşip, hemişe halkyň goragynda bolup gelipdir. Aýdyşlaryna görä, Çopan kir ata çykyp,owazasy il içinde ýaýrap ugrandan soň, türkmenler içden-daşdan salynýan salgytlardan azat bolupdyrlar.
Halkymyzyň hakydasynda öçmejek yz galdyran, halkyň arasynda dogumlylykda we batyrlykda harby ussatlygyň nusgalyk mekdebini döreden Çopan kir ýaşlygyndan türkmen ýigidine hökmany zerur bolan uruş tälimlerini ösüp gelýän watan goragçylarynaöwredipdir.Türkmeniň ady belli Gara batyr, Paşşy serdar, Nury ýetim, Baýly han, Kemal ýetim, Berdimyrat han, Akberdi han ýaly ençeme Watana, il-güne wepaly edermen, batyr ogullary Çopan kiriň terbiýesini alan ýigitlerdir.
Çopan kir Gökdepe galasy synmazyndan on ýyl töweregi ozal, Germaw galasynda duşman elinden dünýeden gaýdypdyr – diýlip çaklanylýar. Bu babatda il içinde şeýle gürrüňem bar. Çopan agyr ýaradan hem-de ogly Annamuhammediň ölüminden soň, uzak wagtlap aýňalyp bilmän gezýär. Birnäçe wagtlap sussupeshalda gezenden soň, bir gün Germaw galasyna ýygnanan duşmanlary ýok etmek üçin ýola çykýarlar welin, onuň aty ömründe etmeýänini edip, düz ýerde büdräýýär. Çopanyň şonda birhili göwnüne güman gidýär, emma onda-da töweregine syr bermän,atyny sürüberýär welin, gara daglaryň dereleriniň arasynda arçmanly Nepesdurdy işan diýilýän bir dili dogaly, halatly adam onuň ýoluny kesip:
– «Batyr, sen şu gün ýoluňdan gaýt, men öten agşam erbet düýş gördüm» –diýýär. Onda Çopan kirem:
– «Işan aga, ajal bilen sebäbiň arasy näçe bolýar?» –diýip soraýar.
– Işan: «Bolaýsa, bir aý kyrk gün bolar»– diýip,jogap berýär.

Onda Çopanam:
– «Meniňem şu gün süňňüm bir zat syzýan ýaly, ajaldan gaçyp gutulyp bolmaz. Goý, hamana, şol kyrk günem bolmadyk eken-dä» – diýip, atyny öňe sürüberýär.
Düýş hakykatdanam oraşan çykýar. Şol söweşde Germaw galasyna ýörişe gidenleriň içinden ýalňyz bir adam yzyna sag-aman dolanyp gelýär. Şeýdibem, Çopan batyryň mazary gara daglaryň arasynda galýar. Onuň öz topragynda bolsa mazaryna derek il içinde bentleri doly bolmadyk goşgy ýaýraýar:

Çopan batyr halkyň hany,
Germawda döküldi gany,
Köp gyryldy adam sany,
Batyr agamdan aýryldym.

Çopan batyr misli şirdi,
Duşman sary uzan tirdi,
Saňa ölmek entek irdi,
Batyr agamdan aýryldym.

Duşman gorkar ýeke senden,
Razy boldy teke senden,
Ajal indi depesinden,
Batyr agamdan aýryldym.

Ýasyn tutdy garry-ýaşy,
Sil-suw akdy gözden ýaşy,
Sen bolupdyň serdar başy,
Batyr agamdan aýryldym.

Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Ýarajy obasynda ýaşap geçen türkmeniň batyr ogly taryhşynas we mirasgär Weli Kömekow «Gökdepe mukamy» atly taryhy poemasynda Çopan kir barada şeýle ýazýar:

Gahryna bäs gelmän gany garalan,
Azmyndan lerzandyHywadyr Eýran,
Ganymyndan gazap bilen ar alan,
Çopan batyr, aždar-mar ýatyr munda.

Çopan kir ömrüniň köp bölegini Baharly, Arçman sebitlerinde geçirensoň, ondan Arçman obasynda «Çopan haýat» diýen ýer ady, Degirmen dagynyň ileri ýüzünde «Çopan süren» diýilýän diň, şonuň ýaly-da Baharly etrabynda «Çopan kärizi» diýlen kärizler, Çopan kiriň ýaşan öýi we atýatagy saklanyp galypdyr. Çopan kir barada taryhy maglumatlary toplap,ony türkmen halkyna ýetiren Kakamyrat Orazgeldiýew «Çopan kir» diýen goşgusynda şeýle ýazýar:

Waspyň etjek, söz gelenok dilime,
Oguzlaň kemany-tiri, Çopan kir!
Owazaň dolupdyr türkmen iline,
Ahalyň arslany, şiri, Çopan kir!

Öň doguldyň gypynçdan hem wehimden,
Hak çanagyň gyrmalapdyr pähimden,
Bedew ata çykdyň bahym-bahymdan,
Türkmeniň namysy-ary, Çopan kir!

«Batyr» diýmek bäri bolýar sizlere,
Ýow gününde taý bolupdyň ýüzlere,
Mertligiňden ýaş aýlanýar gözlere,
Görkezdiň duşmana zory, Çopan kir!

Il-gün geldi seň üstüňe gyssanyp,
Hak iş üçin gylyç syrdyň at salyp,
Bu türkmende nesillere nusgalyk,
Köpleriň kalbynda diri, Çopan kir!

Ganymlaryň gözüne gan öýdürdiň,
Läşin serip, tugun ýele gaýdyrdyň,
«Göroglynyň sypaty bar!» diýdirdiň,
Waspyň entek-entek bäri, Çopan kir!

Ärler gidýär, heňňam galýar çalaryp,
Bir gün köşgi haňlar durar şalaryň,
Görýän seni arasynda daglaryň,
Türkmeniň ýüzüniň nury, Çopan kir!

Hawa, türkmen halkynyň edermen, gaýduwsyz we batyr ogly Çopan kir barada halkymyzyň arasynda rowaýata öwrülen dürli-dürli wakalar aýdylýar. Olar rowaýata öwrülen hem bolsa, Çopan kiriň merdanalygy hakdaky düşünjelerhalkymyzyň hakydasynda ýaşaýar. Häzirki wagtda, Baharly şäherinde hem-de Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Abadan ýaşaýyş toplumynda Çopan kiriň adyny göterýän köçeler hem bar. Çopan kiriň nebereleri bolsa, Baharly we Aşgabat şäherlerinde ýaşaýarlar. Şöhratly taryhymyzda şir demli, dogumdan don geýen şeýle gerçekleriniň bardygy üçin, türkmen halky buýsanmaga doly haklydyr.

Çarymyrat GARAHANOW,
ätiýaçdaky podpolkownik.

Taryhy şahslar